# Aleksandr Dugin… Beýik intellektual reaktor

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Aleksandr Dugin… Beýik intellektual reaktor ALEKSANDR DUGIN… BEÝIK INTELLEKTUAL REAKTOR




*Duginiñ teoriýasyndan we häzir Ukraina sebäpli rus-günbatar uruşlarynyñ bulam-bujarlygyndan daşda aýdyljak bolunýan zat – daş-töweregiñizde görýän zatlaryñyzyñ düýbüniñ pikirden we sözden ybaratlygydyr.*

2011-nji ýylyñ güýzünde Russiýanyñ prezidenti Wladimir Putiniñ «Ýewraziýa üçin täze integrasiýa maksatnamasy – şu günden dörän hakykat» atly makalasy çap edildi.
Käbirleri makalanyñ öñe sürýän pikirleriniñ doly diýen ýaly rus alymy Aleksandr Duginiñ ömürboýy düşündirmäge we ýaýmaga dyrjaşan zatlarydygyny aýdýar.
Gysgaça aýdanda ol pikirler, Günbatar liberalizminden ýa-da Gündogar kommunizminden, şeýle-de faşizmden ýa-da nasizmden-de tapawutly ýoldur.
Dünýäniñ iñ uly ýurdy hökmünde Ýewropa we Aziýa yklymlarynyñ arasynda ýaýylyp ýatan Russiýa öz geografiýasynda, özüne mahsus, özbaşdak medeni obrazdyr.
Şol sebäpli «ýewraziýa teoriýasy» Russiýa bilen Aziýa we Ýewropa döwletlerini öz içine alýan täze bileleşige çagyrýar.
Putiniñ teleýaýlymda beren öñki reportažlarynyñ birinde dünýädäki iñ möhüm hadysa hökmünde baha berlen Sowet Soýuzynyñ

dargamagyndan soñ rus elitasy döwletiñ we rus identiçtostynyñ janlanmagyny gazanyp biljek täze medeniýeti gurmaga girişdiler.
Bu teoriýa günbatarly liberal ülñüleriñ (meselem, gomoseksualizme arka durulmagy) ret edilmegine esaslanýardy.
Her niçik-de bolsa, rus, iñlis, nemes, fransuz, island, italýan, portugal dillerinde ýazýan we analizleri berýän adamyñ pikirlerini öwrenmäge bu uguryñ güýji ýetmese gerek!
Raid Jabari «Şarku’l Awsat» gazetinde seslenme döreden habarynda, ýakyn wagtlarda ukrainaly jansyzlaryñ beýik rus akyldary (Aleksandr Dugini) Moskwanyñ etegindäki raýonlaryñ birinde awtoulagyna ýerleşdirilen partlaýjy enjam bilen öldürmäge synanyşylandygy aýdyldy.
Ýöne bölünişikçi Donesk Halk Respublikasy atly oblastyñ ýolbaşçysy Denis Puşiliniñ aýtmagyna görä, teraktyñ gurbany onuñ gyzy Darýa boldy.
Darýa kakasynyñ hakyky gyzydy. Adatça gyz çaga kakasyny ejesinden gowy görýär. Şonuñ üçin olam kakasy ýaly sowatly we günbatar düşünjeleri boýunça çekişmelerde hiç neneñ däldi.
2009-njy ýylda geçirilen bir pikir soralşykda Dugin Russiýanyñ iñ täsirli intellektuallarynyñ arasynda 36-njy orny eýeleýärdi.
2014-nji ýylda «Foreign Policy» žurnalynyñ amerikan neşiri rus filosofyny «100 global akyldaryñ» sanawyna girizdi.
Agzalýan habarda ABŞ-ly žurnalist Glenn Bekiñ Dugini «dünýäniñ iñ howply adamlarynyñ biri» hasaplaýandygy aýdylýar.
Ol generalam däl, kontrrazwedkanyñ başlygy ýa ministrem däl, hatda Putiniñ ýakyn dosty ýa-da Günbatar propogandasynyñ aýdyşy ýaly beýnisi-de däl.
Duginiñ özi Putini ýakyndan tanamaýandygyny aýtdy (elbetde onuñ bu aýdýany ýalan!), ýöne ol ýurdunda sözi geçýän, gepi diñlenýän, pikirleri ýer tutýan adam.
Bärde Duginiñ teoriýasyndan we häzir Ukraina sebäpli rus-günbatar uruşlarynyñ bulam-bujarlygyndan daşda aýdyljak bolunýan zat – daş-töwerigiñizde görýän zatlaryñyzyñ düýbüniñ pikirden we sözden ybaratlygydyr.
Taryhyñ dürli döwürleriniñ dowamynda adamzat hereketiniñ

hakyky güýji şundadyr. Şu ýa bu hereketi halañ-halamañ, ol wajyp däl.
Wajyp zat – pikiriñ we sözüñ güýjüne düşünmekdir.
Munuñ özi uruşda, parahatçylykda, ösüşde, yza tesişlikde, saglykda we ýarawsyzlykda görýän zatlaryñyzyñ binýadydyr.
Şu günki gün uly ähmiýetli arap pikirleri nirede galdy?.. Muny bize görkezip biljek barmy?

Mişari ZEÝDI,
Saud Arabystanly žurnalist.

23.08.2022 ý. Publisistika